# Söýşüñ ýaly söýülersiñ…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Söýşüñ ýaly söýülersiñ… SÖÝŞÜÑ ÝALY SÖÝÜLERSIÑ



Ýeriñ seni çekişi deý agyrsyñ
Ganatlaryñ çyrpynyşy deý kiçi…
Ýüregiñ urşy deý urup duransyñ
Hem gözleñ uzakdan görşi deý ýiti…
Örän mähribansyñ ýakynlaryña
Jynyñ almaýana erbetsiñ gaty…
Ne reñkde bolsa-da gaşlaryñ gözüñ
Garşydaşyñ görşi ýalydyr ýüzüñ.

Geçen ýollaryňy nep hasaplama
Ýetmek kynam däldir ýollaň ahyrna.
Nähili ýaşasaň ýaşa,
Söýşüň ýalydyr ömrüň…
Näçe gülüp bilseň şonça bagtlysyň
Gynanma hiç, aglaýşyň deý gülersiň
Hemme zady bir günlikdir öýtmegin
Söýşüň ýaly söýülersiň.
Gün dogar çagdadyr gadyr-gymmatyň
Hem özgäni sylaýşyňça adamsyň
Eger bir gün ýalan sypsa diliňden
Goý, özge ha ynanmasyn, ynansyn
Aýyň ýagtysynda ýar arzuwynda
Daş boldukça söýgüliňe ýakynsyň.
Ýagyş ýaganynda ezil, süllümbaý
Gün şöhlesi endamyňy ýylatsyn.
Özüňi ýeke duýsaň ýekesiň
Güýçli duýsaň hem güýçli.
Özüňi gözel saý, şonça gözelsiň…
Ynha, şudur durmuş!
Şudur ýaşamak!
Diňe şuny unutmasaň ýaşarsyň,
Muny undanyňda alan her demiň deý üşärsiň
Hem özgäni unduşyň deý ýatdan çykyp gidersiň.
Gül suwdan gandykça görke aýlanýar
Guşlar uçýandygy üçin gözeldir
Bäbek bäbekligi üçin aglaýar
Hemme zady öwrenşiň deý bilersiň
Muny-da öwren:
Söýşüň ýalam söýülersiň!
Terjime eden: Has Türkmen. Goşgular